# Awtorlyk hukugynyň çeper sungatdan ýitmek howpy

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025

Awtorlyk hukugynyň çeper sungatdan ýitmek howpy **Oguljennet Bäşimowanyñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite çykyşy**




Anna, 27.10.2023 ý.
Soňky döwür iň köp howpurgadýan temanyň şudygy dogrusy gizlin däl. Kimde-kim soňky ýyllarda döredilen filmler barada pikir yzygiderliligini skalaýan bolsa, meniň bilen belki ylalaşarlar, belki-de ýok. Ýöne esasy meniň pikirim öz pikirimi kimdir biriniň boýnuna dakmak, ýagny aýdaýan zadyma kökertmek däl-de eýsem, bu howpuň meni howpurgadýanlygy, tomaşaçy hökmünde.
Kinofilmler tutuş bir nesli terbiýeleýär diýipdik, geçen gezekki çykyşlarymyzda, kinofilmler döwrüň ruhuny beýleki bir nesle geçirmek üçin nijeme täsir edýär ynsanlara. Onda- da nähili? Hut şeýle nazar bilen seredilende türk seriýallar köpçülikleýin, öýde öý bikeleriniň köpçülikleýin görýän

filmlerine öwrüldi. Dogrusy olar o filmi film, kino yzarlamak ýa-da belli bir baha bermek üçinem däl-de eýsem kinolaryň gahrymanlary 140 seriýaly film görýärkäň, öz öýüň maşgala çlenleriniň biri ýaly bolup gidýär, muňa şübhe ýok. Hat-da kinofilmleriň gahrymanlarynyň atlarynyň hem öz çagalaryna dakylmagy, ýene-de kinofilmleriň gahrymanlaryna meňzejek bolmak, saçyňy şeýle gyrkdyrmak ýa-da örmek, ýa-da şol filmdäki gahrymanyň eşigine meňzeş geýinmek medeniýeti, garaz bu zatlar sanasaň sogaby kän…

Meniň diýjek bolýanym birmahallar "Ýabany bägül", "Zita we Gita" ýaly filmler halkymyzyň ruhuna siňip, edil sari geýilmese-de şolaryň saçlaryna meňzeş saç gözelligini ýa-da boýaglary ulanmak , galyberse-de hereketleri etmek meseleleri örän wawwalydy, belki-de Alty Garlynyň gahary gelip, rus gyzyndan Aýnany ýasan bolmagy ähtimal diýesim geldi. Ýogsa-da Žanna Smelýanskaýada interwýu alanymyzda ol türkmen gyzy Baba bilen oýnamajagyny bilip, meni saýlandyr belki diýen jümlesi hem gulagymda galypdyr. Çünki ol ýerde Artyk Babaly bilen Aýnanyň gizlin söýgülerini aýan etmek, olaryň ýekelikde galýan ýerleri ýaly kadrlar hem bolansoň, türkmen gyzlarynyň nijemesiniň ene- atalary ýa-da özleri göwnemändiginden hem habarym bar. Çünki bu babatynda kinoöwrenijiler bilen nijeme gepleşikleri efire beripdim. Meniň diýjek bolýanym, esasy obrazlaryň halkyň aňynda galmagy bilen kino sungatynyň ekranda her kese görmek mümkinçiligi bolany sebäpli, täsiriniň güýçlidigi… Ol filmleriň halkyň ruhyny ogurlaýandygy, halk bir yňdarylan ýerine yňdarylmany esasan bir ruhda ýerien ýetirýändigi bilen baglap bolar. Hat-da öý bikelerimiziň öz görýän türk seriýallaryndaky gahrymanlaryň dilinde gürleşip, öz garyndaşlaryny tanamasa-da gahrymanlary garyndaşlary ýaly bolup gidenleri bar, muňa näme diýjek? Geň görerlik iş ýok, bu hakykat!

Ýöne başga zat bar, awtor filmiň üsti bilen näme diýmekçi bolýar? Gep ana şonda. Bir mahal bir ýolbaşçy köpçülikde: özünde aýtmaga zady bar bolanlar gelsin, diýipdi, meýdança… Efir babatynda! Awtorlyk nazarynyň aýtmaga hukugy-ha bardyr-la welin, aýtmaga zady barmy, ýa-da diňe kino almagyň hatyrasyna

bir zatlar düşürýärlermi, gep ana şondamyka diýýärin. Kino sungatynda bir milletiň ruhunda galyjy kartinany surata düşürmek üçin şol milletden bolan alym, tapawdy ýok şol milletiň psihologiýasyna belet rejissýer, awtor ýa-da hudojnik… kompozitor… Tükeniksiz adamlaryň gatnaşmagynda surata düşürilmeli filmi, bir rejisýýer ýa-da bir hudojnik alýar-da “şark-şurk” edýär, tüweleme, elleriňize güller bitsin welin, jyzlanyň ömri ýaly-da o filler… Hany onuň maddy çykdaýjylaryny barlaýan, ýa-da hany onuň nesilleriň ruhundaky param-parça etjek talaňçylygyna jogapkärçilik? Ol zatlar nirede? Awtor belli bir pikiri ýazyjylaryň, edebiýatçylaryň, alymlaryň ýa-da kino haýsy temadan bolsa, şol ugur boýunça spesialistiň konsultasiýasy nirede? Taryhçynyň masal? Hany bu sanan zatlarymyz. Eýsem-de diňe kinoprokadyň hatyrasyna film almak profesional ýagdaýlaryň netijeliligini görkezip bilermi? Haçan? Ýa geregem dälmi? Eýsem awtorlyk hukugynyň çeper sungatdan ýitmek howpy hiç kimi gyzyklandyrmaýarmyka? Awtoryň diýjek zady bolmasa, kino sungaty nähili professional derejesini taparka? Gaýta döredijilik dünýäsinde ýaşaýan senaristiň ruhundaky eserler rejissuranyň hatyrasyna we puluň hatyrasyna gulluk etse, awtorlyk ideýasyny, onuň aýtjak bolýan zadyny bir şaýa alýan bolsa, gelejekde logikany yzarlap bilýän, durmuşdan nädeňde şol bir meseleden baş alyp çykmagy başarmagy öwrenjek, syzjak, duýjak tomaşaçyny terbiýeläp bolarmyka? Eýsem saç, sakal hiç ruhdaky özgertmeleri, ruhuň nädüz “egin-başyny” kim düzetmelikä? Dogrysy sorag kän-de jogaby ýok. Şol sebäpden awtorlyk hukugynyň goralmagy, awtoryň öz ideýasynyň hakykatyny skalamagy we haýsydyr bir ogrydan asgyn galan awtory kemsitmek hukuklary bu nämelere elter? Professionalizm diýen düşünje hol ýokarda onluk çyra bolup galdy diýeliň, şonda-da bir ideýa, çaprazlyk, hukuk hem-de logiki yzarlamasy bolmasa, bu pikirleriň hemmesi bize gaýta abuza bolmazmy? Nädeňde durmuşdan baş alyp çykmaly, şol eserler çelgi bermeli dälmikä tomaşaça, ýene-de soraglar köpelip barýar, jogap bolsa, saman çatmada gizlenip ýatyr, meni bir görmesinler diýip. Meniň şahsy pikirimde, awtorlyk hukugynyň çeper sungatdan ýitmek howpy eýsem bu gün açylan

tema däldir, menem Amerikany açmaýanymy bilýän, maýýalar hem maňa el çarpanok, elbetde. Ýöne, bir zady bilesim gelýär, awtoryň çuň baran ýeri, awtorlyk ruhunyň guýusynda ýüze çykan datly suwdan içen şerbetiniň tagamy we jogaby awtoryň haky bolmaly dälmikä eýse, filmde. Awtor öz hukugyny gorap bilmedi diýeli-dä, eýsem rejissýer alyp bilermi, awtoryň ýyllar boýy azarlan agyryly derdini… režissýor ony almak üçin şol derdi göterdimikä bir, haçan? Haçanda ol göteren bolsa, onda awtor bilen derdimiz meňzeş diýlip, bile ýazylýar, senariýa. Bu bolsa, elbetde howply ýagdaýlardan, ýagny awtoryň ýylalr boýy işlän temasynyň ýoýulsa-da nesillere diýmäge zadyň bardygyny subut edip, azajygam bolsa, nesilleň öňündäki bergiňi berdigiň, halas edildigiň bolýar. Eýsem kino äleminde täsirli bir rol, senariýa halkyň derejesini etkiläp bilýän bolsa, onda “Dur” awtory nirde filmiň diýmäge doly haklydyrys. Eýsem awtor kim? Ol rejissýer hem bolup biler, ýöne ol ýazyjylykdan çorba sowatmady, çaý sowatmady, ideýa gözlese gözländir, ýöne entek çözen zatlaryny rejissuranyň diline geçirip biljek ýazyjyny tapdymy? Öz ideýasyny berip biler, onuň çözgüdi bar, dialoglar bar, meniň pikirimçe bir režissýor hem öz milletiniň dil baýlygyny edil ýazyjy ýaly, çuňňur öwrenendir, her sözde bir harakteriň bardygyny bilýändir öýdemok. Şol sebäpden-de hat-da kinonyň dili hem nesil terbiýeleýär, diýesim gelýär, çünki hemme terbiýeleriň başlangyjy hem sözden emele gelýär, iň soňunda söze hem barýar. Şekil bilen beýleki duýgular bilen duýmak gowy zat, ahyry gahryman gürläýsä-hä kem görmeýärsiň! Ine, şeýleräk. Ol howpyň öňüni almak üçin hem ýazyjylara köpräk üns bermek, olaryň işlerini kinolaşdyrmak dzgünleri ýola goýulaýsa, edil aýdan zatlarymyz boşa gider öýdemzok. Nukdaýnazar